**Daşoguz welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi.**
**Ders: Hojalyk işiniň analizi**
**2-nji ýyl talyplarynyň Maliýe we karz, Ykdysadyýet we meýilnamalaşdryş, Salgytlar we salmak, Bank işlerini programmirlemek hünärleri üçin**

**Mugallymlar: Hangeldiýew Abdy. Ataýew Täçmyrat**
**1-nji tema.**
**Ykdysady analiziniň taryhy, ösüş ýagdaýlary we predmeti.**

**Umumy okuwyň meýilnamasy :**
1. Hojalyk işiniň analiziniň mazmuny, ähmiýeti we orny barada düşünje
2.Ykdysady analiziniň döreýşi.Türkmenistanda bazar ykdysadyýeti döwründäki ykdysady analiz.
3. Hojalyk işiniň analiziniň predmeti.

## 1. Hojalyk işiniň analiziniň mazmuny, ähmiýeti we orny barada düşünje

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysadiýetinde dünýä tejribesi esasynda ýokary ösüşleri gazanmak döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri boldy we bu ugurda ägirt uly işleri amala aşyrylýar.

Tebigatda we jemgiýetçilik durmuşynda bolup geçýän hadysalary öwrenmeklik, olary düýpli analiz geçirmezden mümkin däldir.

**Analiz – munuň özi her bir hadysanyň içki ýagdaýlaryna baha bermek maksady bilen, ol hadysalary böleklere bölüp öwrenmekdir.**

Mysal üçin lukmançylykda näsag adamyň şikesini anyklamak üçin onuň içki gurluşyny we her bir organynyň näme üçin gerekdigini olaryň özara arabaglanşygyny we biri – birine baglylygyny bilmeli bolýar. Diňe şu ýagdaýlar öwrenileninden soň näsag adamyň şikesniň sebäbini bilmek mümkin bolýar.

Edil şonuň ýaly ýagdaý ykdysadyýetde – ykdysady hadysalar babatynda hem ulanylýar. Analiziň üsti bilen öwrenilýän obýektde bolup geçýän ykdysady işleri böleklere bölüp öwrenmek usulynda önümleri öndürmekligiň, ýerlemekligiň ýagdaýlaryna, maliýe ýagdaýlarna baha berip bolýar.

Kärhanalaryň döredilmeginiň **maksady** önüm öndürmek bilen bir hatarda ahyrky netijede peýda gazanmak bolup durýandygyny hasaba alsak – onda Hojalyk işiniň analiziniň esasy **mazmunynyň** birinji

nobatda kärhananyň önüm öndürmek babatda geçirýän işlerini, öndürilýän önümiň möçberine täsir edýän faktorlary bilmek talap edilýär.

Hojalyk işiniň analizi **- munuň özi ykdysady hadysalary böleklere bölüp, olaryň köp dürli arabaglanşyklaryny we biri-birine baglylygyny utgaşdyrmak esasynda öwrenmek bilen ykdysady hadysalaryň manysyna we netijesine ylmy taýdan göz ýetirmekdir.**

Durmuşyň ähli tapgyrlarynda, ýerine ýetirilen işleriň netijesini doly öwrenmek, gazanylan üstünlikleri we göýberilen kemçilikleri ýüze çykarmak zerur hadysalyryň biri bolup durýar

Analiziň dowamynda gazanylan üstünlikleri ýüze çykarmak bilen, olary gelejekde berkitmek ýoly bilen has ýokary ösüşleri gazanmaklyga mümkinçilikleri döredýär. Şol bir wagtyň özünde hem geçen wagtda göýberilen kemçilikleri ýüze çykarmak bilen, olary düzetmekligiň ugurlaryny gözläp tapyp – olary aradan aýyryp, gelejekki ösüşleri gazanmaga ýol açylýar.

**Analiz** – Hadysalaryň içki ýagdaýlaryny doly açyp görkezmek maksady bilen, her – bir hadysanyň biri-biri bilen baglanşyklylykdaky we biri-biri bilen garaşlylykdaky ýagdaýlaryny böleklere bölüp öwrenýär.

**Hojalyk işiniň analiziniň** kömegi bilen hojalyk mehanizmi, meýilnamalaşdyrmak we kärhanany dolandyrmak işleri has-da kämilleşýär. Hojalyk işiniň analizi esasan kärhanany dolandyrmak üçin birinji nobatda zerur işleriň biri hasap edilýär.

**Hojalyk işiniň analizi –** ykdysady ýagdaýlaryň we prosessleriň mazmunyny böleklere bölüp we ykdysady hadysalaryň köpdürlüsiniň arabaglanşygynda hem-de biri-biri bilen garaşlylygynda ylmy tarapdan öwrenilmegidir.

Hojalyk işiniň analiziniň **mazmuny** – onuň hojalyk işini dolandyrmakdaky orny we alyp barýan işleri bilen häsiýetlendirilýär.

Ýokarda görkezilenleri şu aşakdaky shemanyň üsti bilen görkezmek mümkin.



Ykdysady analiziň **esasy wezipesi** kärhanany yzygiderli ösdürmeklige esaslanyp, ýokary netijeleri gazanmaklygyň ýollaryny kesgitlemekden ybarat bolup durýar.

Şeýlelikde, hojalyk işiniň analizi önümçiligi dolandyryş ulgamynda, hojalygyň içindäki bar bolan ätýaçlyklaryň üstüni açmakda, ylmy tarapdan esaslandyrylan meýilnamany we dolandyryş çözgütlerini kabul etmekde möhüm oruna eýedir.

Hojalyk işiniň analizi esasan toplanan maglumatlpry doly seljermek bilen , ykdysady işiň alynyp barlyşynyň ýagdaýy barada doly düşünje berýär.

## 2.Ykdysady analiziniň döreýşi we Türkmenistanda bazar ykdysadyýeti döwründäki ykdysady analiz.

Ykdysdy analiziň ylym hököminde döremegi özüniň başlangyjyny buhgalter hasabynyň döremegi bilen baglaşyklykda irki döwürden (1445-1616-njy ýyllardan) alyp gaýdýar.
Yklysady analiziň ylym hököminde ýüze çykmagy buhgater hasabatlylyň ösmegi bilen baglaşykly bolupdyr.

Bazar gatnaşyklaryna gesilmezden öňki döwüür 1917-1991-nji ýyllary öz isine alýar.

1920 –nji ýylda P.N. Hudýakow tarapyndan „Balansyň analizi“ diýen kitap çap edilýär we bu kitap „ Hasabatlylygyň filosofiýasý“ adyna eýe bolýar.

30-njy ýyllaryň ortalarynda buhgalter hasabatynyň ykdysady analiziň işine maliýe Halk komissary ýolbaşçylyk edýär.

Geçen asyryň 40-60-njy ýllary ykdysady analiziň ösüşiniň ilkinji döwri hasalanylýar. Bu döwürde kärhanalaryň işi yzygiderlikde öwrenilip başlanýar.

Ykdysady analiziň pudaklayyn öwrenilip başlanylmagy, şeýlede analizde statistitika, meýilnama maglumatlarynyň ulanalyp başlamay ykdysady analiziň has ýokary ösmegine uly itergi berýär.

Türkmenistan 1991-nji ýylda Garaşsyzlygyny gazanyp garaşsyz ösüş ýoluna düşdi.

Häzirki bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwürde seljermäniň orny barha ýokarlanýar. Onuň beýle bolmagyna aşakdaky ýaly dürli ýagdaýlar sebäp boldy.

- bäsleşigiň ösmegi bilen önümçiligiň ylma we maýa goýumlaryna talap edijiliginiň ösmegi;
-bazar gatnaşyklaryna geçmek bilen kabul edilýän çözgütlere bolan jogapkärçiligiň güýçlenmegi.

Bu ýagdaýlarda kabul edilýän dolandyryş çözgütleri diňe bir işiň gidişiniň ýagdaýyna däl-de eýsem, jikme-jik hasaplama, çuňňur we ähli taraplaýyn ykdysady seljermä esaslanmalydyr.

Şu döwürde ykdysadiýeti täze ösüş ýolouna gönükdimek, täze zawod-fabrikleri gurmak, oba hojalygyny ýokary sepgitlere ýetirmek, halkyň ýaşaşyş durmuş derejesini ýokary galdyrmak esasy wezipe bolup durdy.

Şonuň üçin ýuwurdymyzda köp ugurly milli ykdysadyýetimizi döretmäge girişildi.

Bazar gatnaşyklaryna kem-kemden geçilmegi ýuwyrdy durnukly ýagdaýda ösdürmäge ýly şert döretdi.

Bu ýagdaýda hojalyk işiniň analizi hem uly özgerişlere eýe boldy.

Eýeçiligiň köp görnişleriniň ýüze çykmagy analiziň wezipelerini has giňeltdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hojalyk işiniň analizi geçirilmeginiň, onuň netijeleriniň giňden ulanylmagynynyň zerurdygyny giňden nygtaýar.

## 3. Hojalyk işiniň analiziniň predmeti

Her bir ylymyň özüne mahsus bolan usullar bilen, belli bir maksady göz öňünde tutup öwrenýän predmeti bolýar**. Hojalyk işiniň analizi – kärhanalaryň hojalyk işinde alynyp barylýan ykdysady işleri, hadysalary öwrenýär.**

Ykdysady hadysalar analiziň üsti bilen öwrenilýär. **Analiz bütewi zady böleklere bölüp öwrenmek esasynda geçirilýär.** Şunuň ýaly böleklere bölmek öwrenilýän ykdysady hadysanyň içki ýagdaýyny synlamaga, onuň içerki mazmunyna düşünmäge hem-de onuň her bir böleginiň tutýan ornuny anyklamaga mümkinçilik berýär.

**Çig mallaryň kärhanalara getirilmegi, olary işläp bejerip önümleriň öndürilmegi, öndürilen önümleriň ýerleşdirilmegi, olary öndürmäge we ýerleşdirmage harajatlaryň sarp edilmegi, kärhanalaryň düşewüntli işlemegi we şuňa meňzeş hadysalara ykdysady hadysalar diýilýär.**

**Şu hadysalaryň many-mazmunyna düşünmek üçin,** meselem, peýdanyň alynmagyna has doly düşünmek üçin onuň haýsy böleklere bölünýändigini, olaryň her biriniň haýsy sebäplere görä üýtgeýändigini bilmek zerurdyr.

**Öwrenilýän ykdysady hadysany** şu mysalda peýdany **näçe köp böleklere we sebäplere bölüp öwrenildigiçe,** bu ykdysady işi has jikme-jik, has doly, has çuňňur öwrenip bolýar.

Bu işleriň hemmesi kärhananyň ykdysady maglumatlarynyň esasynda alynýar.

**Ykdysady analiziň predmeti diýip (bolup) hojalyk işiniň ähli iş prosessi we onuň ahyrky netijesine aýdylýar.**

Hojalyk işiniň iş prossesine şu hojalykda önümçiligiň çig mal bilen üpjün edilişinden, taýar önüm alyp, ony ýerleşdirip, peýda gazanmagyny goşmak bilen geçirilýän işleriň ählisi girýär. Ýa-da:

Es --- Çm --- Ig ---- Ö --- Ýe ---P ýaly tertipde getirip bolar. Bu ýerde:

Es- esasy serişde;

Çm – çig mal ;

Ig – Işçi güýji;

Ö – Ondürilen önüm;

Ýe – öndürilen önümi ýerlemek;

P – gazanylan peýda.

**Hojalyk işiniň analiziniň predmeti umumylykda hojalykdaky bolup geçýän ykdysady hadysalaryň we işleriň, sebäp – netije arabaglanşygydyr.**

**Hojalyk işiniň analiziniň obýekti –** hojalyk işiniň ykdysady netijeliligine aýdylýar.

**Barlag soraglary :**

1. Analiz diýmek näme?
2. Analiziň üsti bilen näme öwrnilýär ?
3. Kärhanalaryň döredilmeginiň maksady .
4. Analiziň dowamynda nähili görkezijiler ýüze çykaylýar ?
5. Analiziň esasy wezipesi .
6. Ykdysdy analiziň ylym höküminde döremegi özüniň başlangyjyny haýsy ylyldan alyp gaýdýar?

7. Bazar gatnaşyklaryna gesilmezden öňki döwüür  haýsylar?
8. Ykdysady analiziň predmeti diýip nämä aýdylýar ?
9. Hojalyk işiniň analiziniň obýekti.